# DAGLAR.

# 1. DAGLAR EMELE GELIŞLERI BOÝUNÇA HAÝSY GÖRNÜŞLERE BÖLÜNÝÄRLER?

Jogaby:

Üç topara bölünýärler.

1. Pes daglar.
2. Orta daglar.
3. Beýik daglar.

# 2. PES DAGLARYŇ ABSOLÝUT BEÝIKLIGI NÄÇE WE HAÝSYLAR?

Jogaby:

200-1000 metr. Günorta Ural, Mugojar, Hibin, Bathyz we Garabil.

# 3. ORTA DAGLARYŇ ABSOLÝUT BEÝIKLIGI NÄÇE WE HAÝSYLAR?

Jogaby:

1000-2000 m. Krym, Karpat, Köpetdag.

# 4. BEÝIK DAGLARYŇ ABSOLÝUT BEÝIKLIGI NÄÇE WE HAÝSYLAR?

Jogaby:

Absolýut beýikligi 2000 m-dan ýokary bolan daglara aýdylýar. Olardan mysal: Kawkaz, Pamir, Týan-Şan, Altaý, Kordilýer, And, Tibet, Gimalaý we Merkezi Köpetdag.

# 5. GALYNDY DAGLAR DIÝIP HAÝSY DAGLARA AÝDYLÝAR?

Jogaby:

Ýer üstünde ýeke oturan daga galyndy daglar diýilýär.

# 6. PIKLER NÄME?

Jogaby:

Daglaryň beýik ýerlerinde dag depeleri, ýiti uçly depelerine aýdylýar.

# 7. WULKANIK DAGLAR NÄME?

Jogaby:

Wulkanlaryň atylmagy sebäpli döreýän daglar wulkanik daglar diýilýär.

# 8. GARRY DAGLAR DIÝIP HAÝSY DAGLARA AÝDYLÝAR?

Jogaby:

Has irki dörän daglara aýdylýar.

# 9. ÝAŞ DAGLAR DIÝIP HAÝSY DAGLARA AÝDYLÝAR?

Jogaby:

Soňky geologiki döwürlerde dörän daglara aýdylýar.

# 10. TÜRKMENISTANYŇ DAGLARY HAÝSYLAR?

Jogaby:

Köýtendag, Köpetdag, Kiçi Balkan, Uly Balkan, Bathyz we Garabil.